***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe adamy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde ykrar edýän Esasy Kanunymyza halkymyz çäksiz buýsanýar we uly hormat goýýar. Konstitusiýamyz iň ýokary hukuk güýjüne eýe bolup, ol halkara we ýerli hukuk tejribesinde ençeme onýyllyklaryň dowamynda emele gelen häzirki döwrüň konstitusion esasyny we meýillerini özünde jemleýär.***

1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy kabul edildi. Bu senäniň ähmiýeti ýurdumyzyň her bir raýaty üçin düşnüklidir we ýürege ýakyndyr. Pederlerimiziň ruhy mirasymyz baradaky pikirleri hem-de nesillerine wesýet eden Watany söýmek, oňa wepaly gulluk etmek, ynam, hoşniýetlilik we adalatlylyk ýaly asylly ýörelgeleri ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň özenini düzýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy hukuk we jemgyýetçilik durmuşyny kämilleşdirmegiň binýady bolup çykyş edýär, raýat jemgyýetiniň kemala getirilmegine we ösdürilmegine mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzyň Konstitusiýasy esasy ugurlary özünde jemlemek bilen, ol döwletimizde amala aşyrylýan özgertmeler, durmuşyň ähli ulgamlarynyň sazlaşykly ösüşi nazara alnyp, baýlaşdyrylýar we kämilleşdirilýär. Häzirki döwürde bu resminama düýpli mazmuny, Adam hukuklary baradaky ählumumy Jarnamanyň, raýatlyk we syýasy hukuklar, ykdysady, durmuş hem-de medeni hukuklar baradaky halkara resminamalaryň esasy ýörelgelerini hem-de ugurlaryny özünde jemleýär. Kabul edilýän uzak möhletleýin maksatnamalar bolsa halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga, ýurdumyzyň ykdysadyýetini barha pugtalandyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Esasy Kanuny döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetiň özara sazlaşykly ösüşini hukuk taýdan kepillendirmegi, ösen döwleti döretmegi, raýat jemgyýetini gurmagy, ruhy-ahlak taýdan kämil, ýokary aň-düşünjeli, beden taýdan sagdyn şahsyýeti kemala getirmegi üpjün etmegi ileri tutýar we bu babatdaky köpugurly tagallalaryň pugta hukuk binýadyny düzýär. Şeýlelikde, ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeler Arkadagly Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrylan taglymatynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň alamatydyr. Bu taglymat kämil, döwrebap hukuk binýadyna esaslanýar.

**Timur ORAZDURDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň uly mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026